# Dymmaja gyza

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Dymmaja gyza DYMMAJA GYZA

Senli pikirler gurşady daşymy,
Her biri ok bolup, geçdi serimden.
Sen bolsa öz dünýäň bilen başagaý,
Habaryň ýogam-a pikirlerimden.

Gezip ýörün bir diwana derwüş deý,
Ýol tapmak isläpjik, syrly dünýäňe.
Hemem ýol tapman, azaşan pursadym,
Öz bolşuma-da öz-ozim gülýäne.

Sen bolsa üýtgetmän öňki bolşuňy,
Şool gidip barýarsyň, öz ýoluň bilen.
Edep mekdebidiň, akylyň öýi,
Ýaňy nowjuwanja, gyz halyň bilen.

Dünýäň gözelligin özüňde jemläp,
Hem bäsdeş edinip, gülleriň baryn.
Ir bilen okuwa barýan pursadyň,
Jemalyňda gördim jennediñ nuryn.

Kalbynda bardy «haýa» atly sakçy,
Girip bilenokdy her dogry gelen.
«Öz möhri bolmasa bolanok»-diýdi,
Girmekçi bolamda öz golum bilen.

Ýöne menem umytlarym üzmerin,
Geçsek geçeris-de, saryja güýzden.
Öňümiz gyş, belki sakçyda üşär,
Şonda rugsat bolar, dymmaja gyzdan.

Ylham GURBANALYÝEW.

2020 ý. Goşgular